# Şu döwür «Alma biş-agzyma düş» diýýän nesliň döwri

Category: Edebi makalalar,Kitapcy,Romanlar
написано kitapcy | 24 января, 2025
Şu döwür "Alma biş-agzyma düş" diýýän nesliň döwri ŞU DÖWÜR “ALMA BIŞ-AGZYMA DÜŞ” DIÝÝÄN NESLIŇ DÖWRI

Sabyr käsäm püre-pür dolansoň, durmuşymda äden ilkinji ädimlerimi ýazmaga durdum, ýöne muny beýtmesem-de bordy. Ýüz ýaşajagmy bilsemem, dagy-duwara beýtmerin. Adam irmän özi barada ýazjak bolsa, ilki özüne özi aşyk bolmaly. Meni-de özgelerden tapawutlandyrýan, özümi bagyşlap biljek ýeke zat bar bolsa – olam okyjynyň söýgüsini gazanmak üçin däl-de, tutuş durkum bilen başga maksatlaryň ugrunda ýazmagymdyr. Geçen ýyl başymdan geçenleri oturdym-da, birin-birin ýazmaga başladym. Emma bolan zatlar meni şeýle bir haýrana goýdy welin!.. Muny göni ýürekden çykýan täsiriň astynda indi-indi edip ýörün. Iş bilen baglanyşygy ýok zatlardan, has köpem edebi gözelliklerden bar güýjüm bilen gaçyp diňe bolan zatlary ýazýaryn: edebiýatçy hökmünde tegelek otuz ýyllap ýazyp-çyrşap gezip, ahyrynda nämüçin şunça ýyl ýazandygyna özü-de düşünmez. Men edebiýatçy däl. Duýgularymyň nepis ýazylyşyny, olaryň edebi bazara çykarmagy gelşiksiz hasaplaýaryn. Ýöne muňa garamazdan her näçe gaharym gelse-de, duýgularymy, düşünjelerimi, hatda iň baýakylaryny-da kagyz ýüzüne geçirmezden gitmäýmesem. Diňe özümiz üçin ýazýanam bolsak, barybir edebiýatyň täsirinden sypyp bilmän, adama täsir etjek bolup çyr-çytyr bolýarys. Düşünjeler babatda aýdanda bolsa, bular baýaky zatlar bolubam biler. Çünki seniň halaýan zadyň başganyň gözüne manysyz zat bolubam görünmegi mümkin… emma bulary birýana goýalyň, sözbaşy-da boldy gitdi, gaýdyp muňa meňzeş zatlar bolmaz. Ýör bakaly, her kim işli-işine – hakykatda haýysydyr bir işe, belki-de ähli işlere başlamak ýaly ýaly kyn zat ýok.

* * *

Häzirki döwür – hamaýyl adamlaryň döwri. Duýgusyzlygyň, terbiýesizlige hormatyň, ýaltalygyň, iş başarnyksyzlygyň, “alma biş – agzyma düş” diýip, hemme zadyň üstüne gelmegini isleýän nesliň döwrüdir. Hiç kim belli bir zadyň üstünde ymykly oýlanyp-ölçerip ýörmeýär, özüne belli bir maksat (ideýa) tutunyp ýaşaýanam seýrek.
Häzir Russiýa göýdükleşdirilýär, ýeri tapsyzlaşdyryp, ýurdy çöle öwürdiler. Kimdir biri ýagşy arzuw-umytlara beslenip, agaç ekse, geçip barýanyň biri: “Bäý-bää, sen şu agaç ulalýança ýaşaryn öýdýäňmi?” diýip gülýär. Başga bir ýandan adamzadyň hatyrasyna hakykatdanam ýagşylyk isleýän adamlar müň ýyl soň näme boljagyny aladasyny edýärler, adama güýç-kuwwat berýän “ideýa” doly ýok bolupdyr. Hemmesi “şu günüm – hoş günüm” diýip ýaşaýar, ýykýar-ýumurýar, hamana ertir Russiýadan çykyp gidäýjek ýaly diňe şu günlerini bilýärler…

# Fýodor Dostoýewskiniň “Ýetginjek” (“Подросток”) romanyndan alyndy.

* * *

*Roman heleýbaz rus pomeşiginiň binika doglan on dokuz ýaşly ogly Dolgorukiniň Sankt-Peterburgda gabatlaşan kakasy Wersilow bilen arasynda bolup geçen goh-galmagallary gürrüň berýär. Ataly-ogluň romantiki, ideologik, ahlak-moral çekişmeleriniň çarçuwasynda suratlandyrylan oňuşmazlyklar Dolgorukiniň gapma-garşylyklar bilen doly durmuşyny açyp görkezýär. F.Dostoýewskiniň soňky romanlarynyň biri bolan “Ýetginjekde” ýazyjynyň beýleki romanlaryndaky filosofiki we syýasy meselelerden daşlaşylyp, adamlaryň özara gatnaşyklaryna üns berýän psihologiki seljermelere aralaşylýar.*

**Aleksandr Solženisyn:** *“Dostoýewskiniň hemme romany bir ýana, “Ýetginjek” bir ýanadyr. Uly meseleleri we çaprazlyklary orta goýup bilýän ýazyjynyň ownuk gündelik meselelerden we giňden ýaýran adama mahsus bilesigelijilikden düzülen bu ajaýyp*

*romany inçelik bilen yzarlanýan dartgynlylykdan doly bolansoň bir demde okalýar."* Edebi makalalar